# Şibli

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şibli

ŞIBLI

"Şibli kibi bir dagy, ýandyrdygym bilmezmiň!"
Magtymguly.

Kyn günümde, çagyramda ýetişdiň,
Dertlerim dep boldy, giňedi kalbym.
Il-günüme, çagalarma ýetişdiň,
Şywlan jan, meň saňa az däldir karzym.

Zyýaratym bardyr, eý, aşyk älem,
Seniň beýik kerеmiňe nyýaz men,
Ýatan öwlüýäleň, şehitleň, ärleň,
Sahawatly dünýäsine sygýan men.

Garynjalaryňa, iým baryn döklüp,
Çynaryňa älem dakyp alnan men.
Seniň keramatyň üzre kök urup,
Asmanyňda ganat ýaýan tarlaň men.

Hakyň didaryna aşyk gözleriň,
Maňa diken çagyň uçar, perişdäm,
Gidenimde pata salyp gözlediň,
Ýoluma ýasawul durduň, gelinçäm.

Sen bizden mal-baýlyk tamakin dälsiň,
Biz welin, diş-dyrnak, seniň ýoluňda.
Sen pakyry goldan bir aşyk ärsiň.
Babam, gurban bolsun, serim ýoluňda.

Sen tenha sen, sen pynhan sen, ýatyrsyň,
 Daglary ýandyryp, ahyň içinde.
Men seň keramatly didaryň görýän,

Säher gözden döken ýaşym içinde.

27.10.1991.

■ SÄRNEBI GONAMÇYLYGY

Kowumlarym, ýalançydan gidenlem,
Gujagyňda oba bolup ýatandyr.
Käbäm enem, doganlarym, pederlem,
Ganatyny ýola gerip ýatandyr.

"Dirä güman, ölä aýan“ bolarmyş,
Gulagy demdedir, gözi ýoluňda.
Olaň dünýäsine hasrat oralmyş,
Ömrümizden bir tilisge  ýolunsa.

Şemal bolup, maýsa bolup, gül bolup,
Olar sorap durandyrlar halyňy.
Güzeran diýp, gül ömürler kül bolup,
Duýma, eşitme ýok, olaň zaryny.

"Aşgabatda oglum, gelnim, agtyklam,
Amanmy?“-diýp, soraý öten-geçenden.
Meň göwnüme, oýurganyp ýatyrmyň,
Şol obada, mähribanym, ejem, sen.

Aýat üzre, doga üzre, säherler,
Adyň dile senam, käbäm, pederim,
Bu obada kowum-hyşdym-mähelle,
Omyn! Alnyňyza barsyn edenim.

Kowumlarym, ýalançydan geçenlem.
 Bu öwlüýäde oba bolup ýatandyr.
„Näm boldy, gelmedi bu wagta çenli?“-
Diýip, gözün ýola gerip ýatandyr.

22.10.1991.

■ BIZ ÖWLÜÝÄ ZYÝARATA GIDÝÄRIS…

Biz öwlüýä zyýarata gidýäris,
Sadaka paýlaýas Allaň ýoluna.
Biz baryny il ugruna edýäris,
Ynanýaňmy oň baryna- ýoguna.

Üsti älemlerden, zyýapatlardan,
Münder bolan öwlüýä juda gelimli,
Emma ata mazarynyň ýany boş,
Aýt, muňa näme diýjek, sen indi.

Ata mazaryndan zyýat öwlüýäni,
Ene mazaryndan artyk dogany,
Heý, tapyp bolarmy Ýeriň ýüzünden,
Olar seniň, sen olaryň dowamy.

Öňler türkmen öz öwlüýäsin har edip,
Sadakasyn süýräp, öwlüýä gitmänmiş.
Atasynyň mazaryny zar edip,
Ýat mazara zyýaratam etmänmiş.

Bu gün bolsa, näme diýjek, ýeri sen,
Ot bitip galypdyr, ene mazarna.
Çöp bitip gidipdir ata mazarna.
Barýan ýodalara, gidýän ýollara,
A sen bolsaň ýat öwlüýäniň baynda,
Duran bolýaň azana,
Eý, adam!

26.06.1988.

■ MEN DÄL…

Ötegçi duýgular, sergezdan meýil,
Köňlüm köşeşdirýär, gözüm baglaýar.
Alaçsyz akylym, awara deýin,
Ynsabym çeýneýär, lebzim daglaýar.

Mem däldirin- haram tutsa ellerim,
Dilim ýaman sözler diýse men däldir.

Başga bir güýç, çakdan aşa bir zulum,
Men bolup ejize ganym bolýandyr.

Men olardan üstün çykdym, bireýýäm,
Ruhumda  ak şuglalar döwülýä.
Bu gün menden galdy bu däli heňňam.
Hemem zyýarata–bir tümmek öwlüýä.

23.10.2001.

Öwezdurdy NEPESOW.

Goşgular